# Ýadygärlik gurdum

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 23 января, 2025
Ýadygärlik gurdum ÝADYGÄRLIK GURDUM

Elden gitmez ýadygärlik men özüme dikeltdim,
Indi halkyñ oña barýan ýodasyna ot bitmez.
Onuñ buýsançly başyn şeýle bir belent etdim,
Aleksandr sütüni asla deñine ýetmez.

Ýok, men ölmen, undulman, şygrymda galan janym
Jesedimden uzak ýaşar, çüýremez, bolmaz ahyr.
Hem şöhratly bolaryn üstünde bu dünýäniñ
Diri bolsa eger ýekeje şahyr.

Meñ dabaram beýik Rusda bolar mydam gepbaşy,
Adym tutar ondaky ähli diller-u-halklar.
Agryklary slawýanlañ, finler ýa häzir wagşy,
Tunguslardyr, sähra dosty galmyklar.

Örän uzak mahallap söýlerin halk içinde
Liram bilen ýagşy duýgy oýandyranym üçin.
Ýowuz günde erkinligi wasp edenim üçin-de,
Ýykylany galdyryp, daýandyranym üçin.

Hak emrine, eý, Ylhamym, kaýyl bolgun elmydam,
Kemsidilmeden gorkma, şa täjine dalaşma.
Öwgä ýa-da şyltaga biparh bakyp sen mydam,
Akmak bilen agyz deñäp sanaşma!

Aleksandr Segeýewiç Puşkin

(Atamyrat Atabaýewiñ terjimesinden) Goşgular